# Söz bar, goldaw ýok!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Söz bar, goldaw ýok! SÖZ BAR, GOLDAW ÝOK!

ABŞ başlyklaýyn, Günbatar ýurtlarynyñ barsynyñ ikiýüzlüligi ýene bir gezek orta çykdy!
Ilki Ukrainany ýellendirdiler «Hemmetaraplaýyn kömek ederis. Ýanyñyzda bolarys!» diýip ekezlendirdiler, soñam ýurdy uruş belasynyñ penjesine ýeke-ýalñyz okladylar!
Döwlet ýolbaşçylygyna saýlanmazdan öñ wäşi artistlik edip tanalan we syýasata düşünmeýändigi üçin möjeklere şam bolan Ukrainanyñ Prezidenti indi:
«Ýeke galdyk! Dünýäniñ uly güýçleri uruşa daşdan syn edýär. Hiç kim biziñ üçin urşasy gelenok. Ýewropanyñ 27 lideri-de gorkýar!» diýip aglamjyraýar. ABŞ-na bil baglap urşa gireniñ soñy haý bilen waý bilen bolar!
Dünýä Putiniñ emri bilen rus goşunynyñ bir garaşsyz ýurdy ezişini synlaýar.
Günbatarly liderler «Putin uly ýalñyşlyk goýberdi! Ukraina çozuşynyñ Russiýa üçin örän agyr ykdysady we syýasy netijeleri bolar» diýýär, bar bolany şo… Söz bar, goldaw ýok!

* * *

Ezilen, perýat eden, urulyp ölen halkyñ duýgularyny ýañzydan ukrainaly žurnalistka Gülsüm Halilowa ýurdunyñ ýagdaýyny şeýle beýan edýär:
«Depämizddn bomba ýagýar. Tanklar öñünden çykany basgylap geçýär.
Ýewropanyñ orra-ortasynda negözel ýurt wagşylarça basylyp alynýar. XXI asyrda 1942-nji ýylyñ (Ikinji jahan urşunyñ) zulmatlygyny başdan geçirýäris.
Emma, biz bärde.
Gorkup ýaşandan mertlerçe öleniñ has gowy…
Kellesini guma gömen Günbatar dünýäsi bolsa diñe dilujy

ýazgarmak bilen oňýar.»

* * *

Pişigiň syçan kowalaýşy ýaly dowam edip duran deň däl urşy ýekeje adam togtadyp bilýär: PUTIN…
Çünki Russiýa “ÝEKE-TÄK ADAM REŽIMI” bilen dolandyrylýar.
Aslynda urşy rus halkynyň özem islänok, emma Russiýada «Umumy akyl» ýok, diňe «Putiniň akyly» bar.
Düýn gazetlerde urşy näletleýän ruslaryň nägileligini bildirýän fotosuratlar çap edildi. Bir rusyň elindäki ýazgyda iňlisçe ýazgy bardy:
“I am Russian. Sorry for that” («Men rus. Munuň üçin ötünç soraýaryn»)
Okkupasiýa sebäpli rus halkynyň özem gynanýar!

- **GÜNÜŇ SÖZI**

Adalatyň ýok ýurdunda ýaşamak zulumdan has beterdir.

Rahmi TURAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 27.02.2022 ý. Goşgular